# Meñzetdim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Meñzetdim MEÑZETDIM

Gülümjiräp göz astyndan gözläňde,
Gülüm güler güle meňzetdim,
Sanap sanap süýji süýji sözläňde,
Söwdügim sözüňi bala meňzetdim.

Ýarym ýagşy ýaradypdyr Ýaradan,
Men aşygy yzlarynda garadan,
Dört örümni dört ýanyňa ýaýradan,
Sary saçyň ol sümbüle meňzetdim.

Gaşy ýaýdeý kalbym goýmaz gaçmaga,
Çeşmiň çeşme miltim bolmaz içmäge,
Gyrylar diýp gorkaram men guçmaga,
A gyz inçe biliň gyla meňzetdim.

Golum tutup gollaryňdan geçirsem,
Aýralygyň awusyny içirsem,
Efsun urup yşk oduny öçürseň,
Hesreti kalbymda köle meňzetdim.

Ahym çykmaz yşk ýolunda ýarylsam,
Bugdaý deýin hamyr bolup garylsam,
Diýr Gylyjy ýar gaşyndan aýrylsam,
Her bir günüm ýüz müň ýyla meňzetdim. Goşgular